# Sallançak

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Sallançak Berdinazar HUDAÝNAZAROW

▶SALLANÇAK

Meniň sallançagym – Ýerbendiň çöli.
Guma surat çeker mylaýym ýeli.
Atanyň guwanjy, enäniň eli
Meniň üçin näçe yhlas edipdi.

Bulutlar düýrüger obaň üstünde,
Ene göwsün gerer çagaň üstünde.
Otyrkaň ýalaňaç çägäň üstünde
Göwnüň Kap dagyna telwas edipdi.

«Nowbahar oglumsyň, balamsyň» diýlip
Ösdüň atalanyp, ulaldyň söýlüp.
Ýaş gelinler seni maňlaýa sylyp
Ogul dogurmaga höwes edipdi.

Oýdan ugrap başga oýda düşledik,
Göçdük, gonduk, ýazladyk hem gyşladyk.
Ýanar çölde ýykanynda teşnelik
Ýagşylaryň biri halas edipdi.

Tiz sowulyp säherleriň sergini,
Gün gitdikçe güýçlendirer howruny
…Takdyr Luw ýylynda ýazyň bir güni.
Guba çöli bize miras edipdi. Goşgular